# Höwwez-hutdyny

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Höwwez-hutdyny HÖWWEZ-HUTDYNY

Aşyk Myrat müşgil sorag ýazypdyr,
Bilmeýärin ebjet, höwwez-hutdyny;
Sen maňa deginip, päliň azypdyr,
Nesip etsin, örän ýagşy tut dini.

Saňa öwredýän ussadyň düşünmez,
Diýdik sözlerine özi ynanmaz,
Sözüm gün ýalydyr, zatdan ýaşynmaz,
Her ebleh adamdan edermi syny.

Oguz nesli altmyş lakam, agzybir,
Bir ölçegde inçe, ýogyn sözi bir,
Men degmesem sen ýoluňa geziber,
Iliň azgyn diýip etmegin muny.

Haçan dogulmyşdyr ol gudrat ýylan,
Niçik sözlär ýetmiş iki dil bilen,
Kimler ony myhman aldy il bilen,
Niçik oňa örtüpdirler donuny.

Derdim artyp, beter boldum söwdaýy,
Degmeseňiz däliremez Şeýdaýy,
Kim sözleşip, kim görüpdir Hudaýy,
Kimler ondan okap, öwrendi dini?

- **EÝ, AŞYK MYRAT!**

Meniň bir sözümden kyrk-elli magny
Alsaňam ýaraşar, eý, Aşyk Myrat!
Men syrym düýbýni açmadym, ýagny
Aklyň ýetse, jogap ýazgyn atba-at.

Ol kimdir han bolup geçdi dünýäde,

Ady galyp mutyg edilmiş ýada,
Binamyslyk bolmaz ondan zyýada?
Sen-de şeýlemikäñ, eý, Aşyk Myrat!

Ol ne aýýar, satýar saña öz malyñ,
Ussat bolýar, azaşdyryp öz ýoluñ,
Ýene oña düşündirýär öz iliñ,
Ýogsa tärin bilmez, eý, Aşyk Myrat!

Kim geýdirdi, öz donuny çöwürip,
Kim alar göwheri saman sowuryp,
Kim tikinçi tikmiş ony çöwürip,
Bilseñ dogry sözle, eý, Aşyk Myrat!

Her zat bolsa ýene dogrulyk ozar,
Şeýdaýy dogrusyn aýdar bir nazar,
Kim çöwürme geýip obada gezer,
O-da gutly bolsun, eý, Aşyk Myrat!

Şeýdaýy. Goşgular